# Üç durmuş / miniatýuralar

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Üç durmuş / miniatýuralar ÜÇ DURMUŞ

Meniň üçin üç sany durmuş bar. Düşnüksiz bolsa, düşündireýin.
Birinji durmuş, öz ýaşaýan durmuşymyz.
Ikinjisi, çeper edebiýatdaky durmuş. Adam olaryň ikisinde-de ýaşaýar. Olary aýratynlykda göz öňüne getirseň, aralykda ýer bilen gök ýaly tapawut bar. Ol tapawut hem iki durmuşda ýaşaýan adamlaryň gylyk-häsiýet tapawutlary. Çeper eserdäki durmuşyň gapysyndan barar ýaly däl, sebäbi ol durmuş şeýle bir wagşyýana, ahlaksyz, nalajedeýin adamlardan doly. Matematiki nukdaýnazardan alsaň, ol jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň 80-90 prosenti ýaramaz adamlar. Waspy ýetirilen «gahrymanlara-da» ynanyp baraňok.
Ine, saňa durmuş! Ýazyjylaryň guran durmuşy!
Ýazyjylaryň döreden durmuşynda ýaşamaýandygyna begenýärsiň.
Seniň gurup ugran edebi durmuşyňda, eger gönüläp aýtsam, bet pygylly adamlar köp däl. Şoňa-da şükür.
Üçünji durmuş. Biz gije ýyldyzlara seretmegi öwrenipdiris. Olaryň arasyndan öz ýyldyzymyzy gözleýäris. Takyk bilemzok. Käte ýyldyz süýnýär. Kimdir biriniň ýyldyzy süýndi diýip ynanýarys.
Ýer ýüzi adamdan, Asman ýüzi ýyldyzdan doly. Biz olaryň hemmesini tanamzok. Ýöne hemmeleriň tanaýan aýry-aýry adamlary, aýry-aýry ýyldyzlary bolýar. Ýedigen, Zöhre. Öküzçe ýyldyzlary.
Ýalpyldap göze görünseň tanaýarlar.
Asman durmuşyna gözüm gidýär. Haýsy ýyldyzyň nähili şöhle saçýandygy, ululygynyň nähilidigi, agramynyň näçedigi belli. Aldajak gümanyň ýok.
Durmuşda beýle däl. Kiçijik «ýyldyzam» adamlaryň gözüni güýdüşdirip, özüni ägirt talantly, beýik adam edip görkezip bilýär.
Nähili dünýä bi?!

Ýeke-ýalňyz adamyň işi pelsepe otarmak bolar eken.

## • TAPAWUT

Döwlet Gurbannazarow indi üç-dört ýyl bäri bazarda dükan edinip, kosmetiki harytlary, atyr, duhi satýar. Ine, onuň erkek kişileriň hem aýal maşgalalaryň söwda edişindäki tapawut babatda gelen netijesi:
– Aýal maşgala erkek kişä, adamsyna ýa-da söýgülisine duhi satyn alanda, esasan, şeýle diýýär: «Erkek kişileriň hoşuna geljek iň gowy duhiňizden beriň».
Erkek kişilerem zenanlar üçin duhi satyn alýarlar, olaryň ählisiniň duhi satyn almakdaky pikirleri birmeňzeş: «Daş görnüşi owadan, ýöne arzan duhiňden ber!»

## • TÄZE MAŞYN

Aga daýy irki döwürde ýeňil maşyn satyn alypdyr. Ol maşyny sürmekden başga zady bilmeýän eken. Şeýle bolansoň, Aga daýynyň täze maşyny bir hepde geçensoň bozulypdyr. Goňşusy Myrat Berdini çagyryp, maşynyny görkezipdir. Maşynyň ol-bul ýerine sereden Myrat Berdi Aga daýydan sorapdyr:
– Aga, sen şuňa benzin guýduňmy?
– Biri içigaralyk edip guýan bolaýmasa, men-ä guýamok.

* * *

Dostlar gelip-gidip durlar, duşmanlar welin, mydama bagtyň ýataryna garaşýarlar.

* * *

Türkmene garaş diýme.

## • HEKAÝA ÜÇIN

Atan ejesine «Gerek bolar» diýip köp mukdarda pul goýup gidýär. Soň Atan pula mätäç bolýar.
Oba barýar.
– Men düýş gördüm. Sen pula mätäç. Ine, pullaň dur. Men

birinem gozgamok. Hemmesinem al. Bu ýerde hemme zat bar.
— Ýok, eje, bulary men size berdim. Nähili sowasyňyz gelse, sowup, näme alasyňyz gelse, alyň.
Atan almaýar. Ejesiniň puly goýan ýerini görýär. «Rast, gerek däl bolsa, sowmaýan bolsa, men mundan ogrynça özüme geregimi alaýyn. Soň pulum köp bolanda ýerinde goýaryn».
Ol ejesini bir ýere ugradyp, puldan geregini alýar. Aşgabada gidýär. Ejesi ony bilip, ýüreginden tutup ölýär.
Atan ýetişip gelýär.
Näme keselden ölenini soramakdan gorkýar. Onda-da biri onuň ölüminiň sebäbini aýdýar:
— Sen oňa pul beripsiň. Şol beren puluň bäş müňi ogurlanypdyr. Ana, şony ýüregine salyp öldi. «Indi men Atageldime nädip görneýin?!» diýip, namys edip öldi.

* * *

Öňi haýal, soňy haýal, aralygy çalt geçýän ömür.
Derýanyň iki gyrasy haýal. Ortasy çalt akýar.
Durmuş.

- **BELLIKLER**

Her kişiniň öz akyly özüne kemally görner diýýär Magtymguly. Dogrudanam, şeýle. Her kimiň öz pikiri özüne juda dogry, makul. Şol dogry, kemally pikirler ýaşaýşymyza ynam, güýç berýär. Ähli kişiniň kemally akyly Magtymguly babatda şeýle bir agzybirlik, berk ynam bilen birleşýär. Ähli kemally pikirler Magtymgulyny ykrar edýär, ýogsam türkmene özüňi ykrar etdirmek gaty kyn. Türkmen gaty göwni ýetmese, aňsat-aňsat ykrar etmeýär. Sygynan adamyna düýrmeli bilen berilýär. Bu öňem şeýle bolupdyr, häzirem şeýle. Akyldar Magtymguly babatda pikirler, garaýyşlar bir, biz ony keramat derejesinde görýäris, oňa sygynýarys. Oňa biragyzdan: «Türkmeniň beýik akyldar şahyry» diýýäris, biz şahyryň şygyrlaryndaky pikiri, ündewleri türkmeniň ahlak kodeksi, ýaşaýyş kodeksi hasaplaýarys.
Sözümiň soňunda Magtymguly Pyragynyň bir setirini ýatlamak

isleýärin:

Bikär goýmaý ömür tagty…

Biz haýsydyr bir akyldaryň «Ömür adama berlen beýik peşgeşdir» diýen jümlesini arzylap ýörüs. Magtymguly bolsa ömri tagta deňeýär.

* * *

Meşhur ýazyjy-şahyrlar biziň aňymyzda nähili keşpde ýaşaýar?!
Baýron – ýaşlyk.
Wolter – horja garry.
Balzak – çişik kişi.
Tolstoý – ýuwaşja gezim edip ýören garry.
A.Gowşudow – elli ýaşynda bolsa-da, ýaşan ýaşyndan aşa garry görünýän, duw ak saçly, uly kelleli kişi.
G.Ezizow – uzyn boýly, gök gözli, saryýagyz, ýüzi-gözi nurana, ajalyň çawyp geljegi barada asla pikir etmedik märekesöýen şahyr.

## • DÖWRAN AGALYNYŇ GÜRRÜŇI

Bir türkmen ýaşulusy ors generaly bilen kurortda bir otagda bolupdyr.
Howa yssy eken.
Ýaşuly gyzgyn çaý, general sowadyjydan buz ýaly sowuk suw içipdir. Bir gün general goja ýüzlenip:
– Beýle yssy howada gyzgyn çaý içmäňe hiç düşünip bilemok – diýipdir.
– Yssyny yssy basýandyr.
General türkmen gojasynyň jogabyna hezil edip gülüpdir hem-de özüniň mamladygyna gojany ynandyrmaga çalşypdyr. Şonda goja:
– Men subut edip bereýin kimiň mamladygyny – diýip, bir bulgur gyzgyn çaýy hem-de sowadyjydan bir bulgur buz ýaly suwy alypdyr-da, daşarda Günüň aşagynda goýupdyr.
Üç-dört sagatdan hälki bulgurlary barlap görseler, gyzgyn çaý-a suwukja, buz ýaly suw hem gyzgynja eken.
Şonda goja:

– Ine, bularyň içde boljak ýagdaýy. Seniň häli-şindi suw içip durşuň hem daşyňdan howanyň, içiňden bu suwuň seni gyzdyrýanlygy üçin – diýipdir.
Şonda general türkmen gojasynyň paýhasyna haýran galyp, tüýs ýüreginden sagbol aýdypdyr.

## • AK ÇYNAR / T.Hojakgaýewiň romany hakda

Ak çynar diýlenok. Ak derek bolaýmasyn? Ak derek, gara derek. Çynar türkmen obasyna, şäherine mahsus däl.
Romanyň birinji sözlemi: «Heşdek Tagany süýr günortanlar, jokrama yssy mahaly penjiresi gözenekli maşyndan düşürip, eýlesi-beýlesi bir metrlik garaňky jaýa saldylar». «Süýr günortanlar, jokrama yssy mahaly» diýen sözler artykmaç, ol sözlem üçin, pikir yzygiderliligi üçin işlänok. Onsoňam, «penjiresi gözenekli maşyn» diýlenok. Diňe «gözenekli maşyn» diýilýär. Mysal üçin, «gapdaly gozakly motosikl däl-de, «gozakly motosikl» diýilýär. Ikinji sözlem: «Içine zordan diýen ýaly sygýan ýekeje oturgyçda oturdyp, daşyny gulpladylar. Jaýyň eýlesi-beýlesi bir metr bolsa, ol nähili içine ýekeje oturgyç zordan sygýarmyş? Eýlesi-beýlesi bir metrlik jaýa iki-üç oturgyç hem sygar. Onsoňam, Heşdek Taganyň jaýa salnansoň, oturgyçda oturdylmasy geň, ynandyryjy däl.
Soňky sözlemleriň nätakyklygyny aýdyp oturjak däl. Sebäbi ony aýtjak bolsaň, her sözlem hakda aýdyp oturmaly.
Romanyň dili çeper edebiýatyň diline örän az çalym edýär. Emosiýa ýok. Pikir yzygiderligi saklanylmaýar.
Romany borjum hasaplap, özüme kast edip okap çykdym. Romanda täze obraz ýok. Täze obrazyň, özboluşly obrazyň ýok ýerinde çeper edebiýat hem ýok.

24.III.1988 ý.

## • SÖZ OÝNATMALAR

Berdinazar Hudaýnazarow «Durmuş seni söýýärin» diýip, «Gumlular» bilen «Göreş meýdanyna» çykdy.

* * *

Gylyç Kulyýew:
– «Köpetdagyň aňyrsyndan» gelen «Gara kerwen» tas hemmäni «Ýowuz günlere» salypdy.

* * *

Juma Akyýew:
«Geňeşsiz biçilen don gysga bolar».

* * *

Döwran Durdyýew «Atyny ýeke çapýar».

* * *

Ata Atajanow:
– «Öz tanyşlaryň» bilen «Guşgy galada» «Aýly gije» gezelenje çyksaň, «Meniň döwürdeşlerimi» görersiň.

* * *

Amanmuhammet Orazmyradow «Kiçijik ilçi» bilen «Köz çokan togdarynyň» tomaşasyny görüp, «Doganlaryň duşuşygyna» gitmegide unutdy. Edebi makalalar